# Atlar çapyp barýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Atlar çapyp barýar ATLAR ÇAPYP BARÝAR




Atlar çapyp barýar, toýnaklar gyzyp,
dünýäň gursagyna darak kakýardy.
Daş ýaran ykbala ynamy syzyp,
Uçup barýan bedewlere hak ýardy.
Aýlawa bezegdir olaň topbagy,
Baryna deň pata berdi oguzlar.
Nallar daşa öwrüp, zyňýar topragy,
Şemallary ýaryp geçýär omuzlar.

Türkmen topragynda toýlanyp baýram,
Olarsyz geçirlen gezegi ýokdur.
Ýaryşsa jylawsyz ýelleri maýran,
Bedewsiz buýsanjyň bezegi ýokdur.

Atlar çapyp barýar gyzan toýnaklar,
Ahyr nalaçlygyň wagtyn soňlady.
Maksat yhlasyňa gaýrat goýmakdyr,
Barylmaly menzil, bagty oňlady.

Aňyrdandyr çyn bedewiň owsunjy,
Ýükün syrdaşynyň üstüne atmaz.
Joşa gelip ýüregimiň buýsanjy,
Çüwdürlip atylýar: – e-he-heý, atlar!

sizsiz ýaşaýyşyň manysy barmy?
siz dälmi nä, geljege-de çyragym.
haýran etdi adamzadyň baryny,
pygamberi arşa elten byragym.

atlar çapyp barýar, towlanyp ýollar,
göwüslere burçak-burçak der insin.
bedewim, ýel bilen daraýyn ýallaň,
ýow güni ýolbarsym, toýda perimsiň.

jylawyňda mesgen tutan erenleň,
dogasy keremli bulaga döndi.
kişňäňde owazyň çykyp pereňden,
älemiň ählisi gulaga döndi.

Geregi barmyka ýylan deý gamçyň?
asyrlyk menzili bir ýylda geçdiň.
ýüregiňde jaý tapylmaz gam üçin,
Bedewim, bedewlik ýollary seçdiň.

Atlar çapyp barýar, guýruklar düwlen,
Möwç urýan ummandan uçup geçýärler.
pyşyrdysam çykmaz haýbatly "çüwleň",
atlar ganat baglap arşa göçýärler.

- **ARTISTIŇ DEGIŞMESI**

« Kim bolasyň gelýär? » diýen soraga,
Mydam seý diýerdim:
«Kosmonawt, lukman,
Mugallymam bolsam diýýän, onsoňam…»
«Arzuwuň kemi ýok ».
«Entek howlukmaň!

Üstümden güleniň içlerin ýakyp,
Arzuw eden kesp-kärimi seçdim-de,
Gaty dogum bilen sahna çykýaryn,
Her gezek bir gahrymanyň keşbinde».

2013-nji ýylyň 10-njy maýy.

- **ÝYLLAR**

Göze görünmeýän jadygöý dälmiň?
Men saňa uzadýan ellerim, ýyllar.
Söýgi ummanyna gark etdi gämim,
Yşk atly däliräk ýelleriň, ýyllar.

Üýtgedýäň durmuşam, aňam, göwrümem,
Düýş etdiň saçlarmyň ösgün döwrünem.
Ony şäher gyrtyjyna öwrübem,
Taşlanok gaýçysyn dellegiň, ýyllar.

Bolsa-da oýunlaň gödeksi, ýeser,
Geçen geçdi, gezdim mydam serbe-ser.
Ýetişeýin indi beri salym ber,
Gülledip ömrümiň mellegin, ýyllar.

Tiz unudyp öýke eden zadymy,
Kalbym gowa, haýra berdim ýadymy.
IL diýip ýaňlanyp duran adymy,
Döwrüň kitabyna bellegin, ýyllar.

- **Ykbal ýoly**

Atasyz, enesiz, gardaşsyz galan,
Oglan soňky gezek bakdy haraba.
Aglardy rüstemiň atasy Zalam,
Ol bolsa mündi-de döwük araba.

Ýakymsyz jygylda gulagyn asyp,
Keçe düýren ýaly düýrläp ýyllary.
Ähli horluklaryň howuny basyp,
Ýaşady, öwrendi, sökdi ýollary.

Topragyn gözüne sürtmäge zardy,
Ýadyrgap ýadady bir gaýry ýurtda.
Göwnüniň ganaty-Watany bardy,
Ah, onda tiz togalanjak ýumurtga.

Göz öňüne getirmegem hyllalla,
Hasaby dürs çykýar mydam ýigidiň.
Maksat meýdanyny sürüp ol, ylla,
Ekdi ýüreginde umyt çigidin.

Janköýerdi taryhyna halkynyň,
Bäş barmagy ýaly bilýärdi baryn.
Geçmişde kän döwlet guran galkynyp,
Indem çekip ýördi döwletin zaryn.

Türkmen jandan geçip, watanyn söýýär,
Saçagyň başynda aýbogdaş gurup.
Çäýnekde çaý içýär, dograma iýýär,
Garny doýan bada gidenok turup.

Öten-geçenlere aýat okaýar,
Märekede kiçisi kän gürlänok.
Soralsa, baş atýar, ya-da ýaýkaýar,
Şonuň üçin utanjyndan derlänok.

Irmi ýa giç, ardynjyrap, üsgürip,
Işiginden gelse bigäne köwüş.
Zynjyrdan boşadyp, itin küşgürip,
Göýbermezden, edýär saçakly söwüş.

Türkmen ýaly ýüregi päk milleti,
Tapyp bolmaz gündiz eliň çyraly.
Ýada boýun egip çekmez minneti,
Onda neçüýn halkyň kalby ýaraly?! Goşgular